**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.**

1

#10 (241)
Четверг, 6 марта 2025 года

Интернет газета
Международные новости

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji awgustyndan bäri çykarylýar



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda aýdyň maksatlary nazarlaýan ýurdumyzda durmuşykdysady özgertmeler rowaçlyklara beslenýär. 28-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa döwrüň talaplaryna laýyklykda, milli kanunçylygy mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Şeýle hem Mejlisiň Başlygy ýakynda Türkiýe Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň netijeleri barada habar berdi. Nygtalyşy ýaly, saparyň dowamynda türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysy Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan tarapyndan kabul edildi. Duşuşygyň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň adyndan şu ýylyň dekabrynda Aşgabatda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek halkara foruma çakylyk haty gowşuryldy. Dostlukly ýurduň Baştutany çakylygy hoşallyk bilen kabul edip, Türkiýe bilen Türkmenistanyň ählumumy we sebitleýin howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmekde garaýyşlarynyň gabat gelýändigini aýtdy. Saparyň dowamynda Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy bilen duşuşyklar geçirildi. Pursatdan peýdalanyp, D.Gulmanowa ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatyny halkara derejede giňden wagyz etmek, türkmen wekiliýetiniň Türkiýe Respublikasynda iş saparynda bolmagy üçin döreden mümkinçiligi üçin hormatly Prezidentimize hem-de Milli Liderimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

«Ene mähri» diýen hormatly ada mynasyp bolan köp çagaly enelери sarpalamak we olara ýaşaýyş jaýlarynyň açarlaryny gowşurmak dabaralaryna görülýän taýýarlyk barada-da aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Halkara zenanlar güni mynasybetli çärelere gowy taýýarlyk görmegiň hem-de olary ýokary derejede geçirmegiň wajypdygyny belledi.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew gözegçilik edýän toplumlarynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, degişli ugurlarda taýýarlanan teklipleri goldady we wise-premýerlere tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Halkara zenanlar güni mynasybetli baýramçylyk dabaralaryny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň welaýatlarynda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde baýramçylyk çärelerini guramaçylykly geçirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlarynyň gatnaşmagynda geçiriljek baýramçylyk dabaralaryna gowy taýýarlyk görmegiň wajypdygyny nygtap, wise-premýere bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa şu ýylyň 7-8-nji aprelinde saglygy goraýyş boýunça XII Türkmen-german forumyny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz Germaniýa Federatiw Respublikasynyň saglyk merkezleri bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, saglygy goraýyş boýunça nobatdaky Türkmen-german forumyny geçirmek baradaky teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow kiberhowpsuzlyk ugry boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny berkitmegiň hem-de bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhüm wezipe bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz kiberhowpsuzlygy üpjün etmekde daşary ýurt döwletleri hem-de halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmek boýunça taýýarlanan teklipleri makullap, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew aragatnaşyk pudagyny ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz Diýarymyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän maglumat geçiriş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak hem-de goşmaça maglumat geçiriş beketlerini gurnamak barada taýýarlanylan teklipleri makullap, agentligiň ýolbaşçysyna degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ БОЛГАРИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Болгария Румену Радеву в связи с национальным праздником страны – Днём освобождения.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Румену Радеву искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и больших успехов в деятельности, а народу Болгарии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI «EURONEWS» TELEKOMPANIÝASYNYŇ DIREKTORLAR GEŇEŞINIŇ BAŞLYGYNY KABUL ETDI

2025-nji ýylyň 27-nji fewralynda Prezident Serdar Berdimuhamedow «Euronews» telekompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň başlygy Pedro Wargas Dawidi kabul etdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň ähli ulgamlarda, şol sanda halkara giňişlikde gazanýan üstünlikleriniň ähmiýetini belledi. Şeýle hem ol ak mermerli Aşgabadyň gözel keşbiniň özünde ýakymly täsirleri galdyrandygyny aýtdy.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Türkmenistany dünýäde giňden tanatmak boýunça dürli ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we halkara media agentlikleri bilen işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Şunda Ýewropanyň öňdebaryjy media düzümi bolan «Euronews» telekompaniýasy bilen ençeme ýyllaryň dowamynda alnyp barylýan netijeli hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesine üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň medeni we taryhy mirasyny dünýä tanatmak, syýahatçylygy ösdürmek ýaly ugurlarda «Euronews» bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň maksadalaýyk boljakdygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň syýahatçylyk mümkinçilikleri barada aýratyn belläp geçdi. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň baý milli medeni mirasy we taryhy ýadygärlikleri bar. Türkmenistan dünýäniň iň gadymy medeni merkezleriniň biri bolup, häzirki wagtda syýahatçylyk üçin uly mümkinçiliklere eýedir. Ýurdumyz diňe bir taryhy ýadygärliklere däl, eýsem, tebigy gözelliklere hem baýdyr. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy, Köpetdagyň dag etekleri, Garagum sährasy syýahatçylyk babatda uly artykmaçlyklara eýedir. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz «Euronews» telekompaniýasynyň ýörite gepleşiklerinde Türkmenistan barada degişli wideofilmleriň görkezilýändigini belledi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasyna laýyklykda, 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Şeýle hem şu ýyl biz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyny giňden belläp geçeris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we Pedro Wargas Dawidi 2025-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumyna çagyrdy hem-de onuň halkara foruma gatnaşmagynyň çäräniň üstünlikli geçmegine uly goşant boljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri, özara hyzmatdaşlygyň çäklerinde ozal ýerine ýetirilen we geljekde göz öňünde tutulýan taslamalar barada-da pikir alşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň geljekde-de «Euronews» telekompaniýasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygyny tassyklap, Pedro Wargas Dawide jogapkärli işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.



# ВСТРЕЧА НАЦИОНАЛЬНОГО ЛИДЕРА ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА С ПРЕДСЕДАТЕЛЕМ СОВЕТА ДИРЕКТОРОВ ТЕЛЕКОМПАНИИ «EURONEWS»

27 февраля 2025 года состоялась встреча Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедова с председателем совета директоров телекомпании «Euronews» Педро Варгасом Давидом.

Выразив признательность Герою-Аркадагу за возможность встречи, гость поделился впечатлениями от первого приезда в Туркменистан.

Радушно поприветствовав Педро Варгаса Давида на гостеприимной и древней туркменской земле, Национальный Лидер туркменского народа подчеркнул, что в Туркменистане уделяется особое внимание последовательному наращиванию взаимодействия с таким авторитетным СМИ, как телекомпания «Euronews».

Отметив влияние на общественность информационной сферы, которая ныне стремительно развивается на базе передовых технологий и инноваций, Герой-Аркадаг подтвердил готовность нашей страны и впредь расширять совместно с телекомпанией «Euronews», чья аудитория по всему свету насчитывает миллионы, деятельность по освещению инициатив Туркменистана, призывающих к миролюбию, добрососедству и доверию. В этом плане подчёркивалась позитивная практика сотрудничества с телекомпанией «Euronews».

Об этом, как отмечалось, наглядно свидетельствует освещение корреспондентами «Euronews» первой Глобальной конференции Организации Объединённых Наций по устойчивому транспорту, которая прошла в Ашхабаде в 2016 году, V Азиатских игр в закрытых помещениях и по боевым искусствам и 28-й сессии Конференции Энергетической Хартии – в столице нашего государства в 2017 году, а также Международного авторалли «Амуль–Хазар 2018», состоявшегося в 2018 году, и первого Каспийского экономического форума в Национальной туристической зоне «Аваза» в 2019 году.

– В нынешнем году мы отмечаем 30-летний юбилей нейтралитета Туркменистана: за минувшее время сделано очень многое как на региональном, так и на глобальном уровне, и сейчас целевые меры так же успешно воплощаются в жизнь. Туркменистан призывает государства планеты и международные организации к тесному сотрудничеству в поддержании мира, дружбы, взаимного уважения и доверия, – сказал Герой-Аркадаг.

Национальный Лидер туркменского народа выразил убеждённость, что заданные цели можно донести до широкой общественности при поддержке такого популярного, надёжного и крупного СМИ, как «Euronews».

Педро Варгас Давид в свою очередь подчеркнул большую заинтересованность возглавляемой телекомпании в последовательном углублении и расширении сотрудничества с Туркменистаном, отметив, что сообща можно добиться многого, и в настоящее время существуют широкие возможности для реализации эффективных инициатив в этой области.

Как подчёркивалось в ходе встречи, проводимая независимым нейтральным Туркменистаном миролюбивая внешняя политика, его достижения в различных областях, богатое культурное наследие, прекрасная природа привлекают внимание мировой общественности. Особое значение придаётся сотрудничеству с популярными средствами массовой информации для широкого освещения внутренней и внешней политики страны, экономических, культурных, гуманитарных и туристических возможностей.

*(Окончание на 3-й стр.)*

## ВСТРЕЧА НАЦИОНАЛЬНОГО ЛИДЕРА ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА С ПРЕДСЕДАТЕЛЕМ СОВЕТА ДИРЕКТОРОВ ТЕЛЕКОМПАНИИ «EURONEWS»

*(Начало на 2-й стр.)*

Важную роль в этом играет известная телекомпания «Euronews».

В 2024 году было достигнуто, причём успешно, Соглашение о сотрудничестве между агентством «Türkmenaragatnaşyk» Агентства транспорта и коммуникаций при Кабинете Министров Туркменистана и телекомпанией «Euronews»: в течение года на телеканале «Euronews» транслировались видеоролики о нашей стране экономического и культурно-гуманитарного характера.

В этой связи подчёркивалась необходимость продолжать данную практику с учётом имеющихся больших перспектив для наращивания партнёрства.

Как известно, на 78-й сессии Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций Туркменистан представил Резолюцию «2025 год – Международный год мира и доверия», её приняли при единогласной поддержке 86 государств.

Это весьма значимый шаг, так как на фоне происходящих сегодня событий очевидно, что диалог, опирающийся на взаимное уважение, содействует миру и стабильности, заявил Герой-Аркадаг.

В свою очередь Педро Варгас Давид подчеркнул, что внешняя политика Туркменистана, основанная на принципе нейтралитета и вносящая огромный вклад в укрепление мира на планете, пользуется широкой поддержкой международного сообщества, что является наглядным результатом глубоко продуманной стратегии, проводимой главой государства.

Как отмечалось, Туркменистан в соответствии с названием нынешнего года планирует организовать на национальном и международном уровнях различные мероприятия политического, экономического и культурно-гуманитарного характера. Но главное среди них – Международный форум с участием мировых лидеров, который намечен к проведению на высоком уровне в Ашхабаде 12 декабря текущего года.

– Запланированные целевые меры чётко прописаны в Концепции деятельности и приоритетов Туркменистана в рамках Международного года мира и доверия: чтобы обеспечить доступность документа общественности, его опубликовали в печати, – сказал Национальный Лидер туркменского народа.

В Концепции акцент, в частности, сделан на информационно-коммуникационной деятельности, подчеркнул Герой-Аркадаг и в этом плане предложил организовать совместно с телекомпанией «Euronews» мероприятия и диалоговые площадки, посвящённые Международному году мира и доверия.

Как отметил Национальный Лидер туркменского народа, в данной работе целесообразно воспользоваться преимуществами цифровой системы. У телекомпании «Euronews» есть страницы в сети Интернет, причём пользователей очень много. Были учтены огромные возможности, которые предоставляют социальные сети для глобальной интеграции молодёжи в дело продвижения гуманных в своей основе традиций мира и доверия, изложенных в упомянутой Концепции. Отдельное внимание уделяется и повышению квалификации наших молодых журналистов и студентов, получающих профильное образование. В этой связи Герой-Аркадаг подтвердил готовность рассматривать предложения о сотрудничестве с телекомпанией «Euronews» в данной области.

Председатель совета директоров телекомпании «Euronews» отметил, что Туркменистан, являясь надёжным партнёром ООН, последовательно развивает диалог с этой крупнейшей международной организацией, а инициативы нашей страны поддерживаются мировым сообществом, заявив, что воспользуется возможностью принять участие в международном форуме, посвящённом знаменательному 30-летию постоянного нейтралитета нашей страны.

Кроме того, Педро Варгас Давид подчеркнул, что у «Euronews» есть специальная академия, что создаёт возможности для обмена опытом с туркменскими журналистами в этой сфере, а также для развития технического сотрудничества.

Национальный Лидер туркменского народа также подтвердил готовность изучать новые проекты и перспективы с целью более выразительного донесения до общественности сведений о богатой культуре и истории Туркменистана и о создаваемых возможностях в сфере туризма.

Председатель совета директоров телекомпании «Euronews» отметил, что «небесные» ахалтекинские скакуны произвели на него большое впечатление, и подчеркнул большой вклад Героя-Аркадага – настоящего поклонника этих уникальных лошадей – в сохранение чистоты породы и передачу её будущим поколениям.

Он также отметил, что посетил Национальный музей туркменского ковра и для возглавляемой им компании большая честь широко пропагандировать в средствах массовой информации это замечательное искусство и традиции, созданные туркменским народом.

В завершение встречи Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов пожелал председателю совета директоров телекомпании «Euronews» Педро Варгасу Давиду успехов в работе.




## NATIONAL LEADER OF TURKMEN PEOPLE, CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY OF TURKMENISTAN MET WITH REPRESENTATIVES OF THE WORLD BANK

On February 28, 2025, National Leader of the Turkmen People, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov met with World Bank Vice President for the Europe and Central Asia Antonella Bassani, World Bank's Regional Director for the Central Asia region Ms. Tatiana Proskuryakova and the International Finance Corporation Regional Director for Central Asia and Türkiye Ms. Wiebke Schloemer.

Expressing gratitude for the meeting, the guests noted the high achievements and economic reforms of Turkmenistan. Ms. Antonella Bassani conveyed warm greetings to Hero-Arkadag from the head of the World Bank.

The guests also highly appraised the domestic and foreign policy of Turkmenistan and emphasized the important role of neutrality and international initiatives of the country in strengthening peace and stability on Earth. Sincere congratulations were expressed to Hero-Arkadag and all Turkmen people on the 30th anniversary of neutrality of Turkmenistan.

Having greeted the representatives of the World Bank system, Hero-Arkadag thanked for the warm words and expressed his best wishes to the World Bank leadership. The National Leader of Turkmen people expressed confidence that the upcoming meetings during the visit will contribute to a productive exchange of views on the current state and prospective fields of economic cooperation between Turkmenistan and the World Bank, and wished them success.

It was noted that the expansion of international cooperation, in particular, the intensification of relations with reputable financial organizations and banking-credit structures, plays an important role in the implementation of the economic development strategy of Turkmenistan.

Hero-Arkadag emphasized the effectiveness of the partnership between Turkmenistan and the World Bank. It was emphasized that in recent years the World Bank has participated in financing a number of projects of high importance for the sustainable socio-economic development of Turkmenistan in such areas as healthcare, education, transport, communications, and energy.

The transport sector is one of the most important strategic areas for Turkmenistan. Particular attention is paid to the coordination of various modes of transport and for this purpose measures are being taken to create multifunctional regional and international transport corridors in the North-South and East-West directions.

In this regard, the need to intensify international trans-Caspian transportation and use the existing potential was noted.

Hero-Arkadag emphasized that the International Sea Port of Turkmenbashi, connecting the European and Asian regions, has great potential for increasing transit capacity. Turkmenistan's readiness to expand mutually beneficial cooperation with the World Bank and consider its proposals regarding projects on creating transport corridors was confirmed. At the end of the meeting, the National Leader of Turkmen people, Hero-Arkadag and representatives of financial structures expressed confidence that fruitful cooperation will be successfully continued and exchanged best wishes.

# TÜRKMENISTANDA ISPANIÝA PATYŞALYGYNYŇ ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISI IŞE BAŞLADY

2025-nji ýylyň 4-nji martynda Prezident Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Ispaniýa Patyşalygynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rikardo Martines Waskesden ynanç hatyny kabul etdi.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň adyndan diplomaty gerimli milli maksatnamalar, durmuşa geçirilýän özgertmeler bilen tanyşdyryldy. Bellenilişi ýaly, Ýewropa ýurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunda Ispaniýa bilen dostlukly gatnaşyklaryň, netijeli döwletara dialogyň pugtalandyrylmagyna hem aýratyn ähmiýet berilýär. Şeýle hem diplomata Mejlisiň düzümi we dürli ulgamlarda amala aşyrylýan özgertmeleriň kanunçylyk binýadyny üpjün etmek boýunça alyp barýan işleri barada maglumat berildi.



Ispaniýa Patyşalygynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rikardo Martines Waskes netijeli duşuşyk üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanda öz ýurduna wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny nygtady we iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň barşynda diplomat Türkmenistanyň içeri hem-de daşary syýasatynyň esasy ugurlary, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen giň jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlap, oňa iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça alyp barjak işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Dostlukly ýurduň doly ygtyýarly wekili hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, Ispaniýanyň ýolbaşçylarynyň hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa iberen mähirli salamyny, ähli türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

# Meeting with the Deputy Foreign Minister of the Islamic Republic of Iran for Consular, Parliamentary, and Expatriates' Affairs

On February 28, 2025, at the MFA of Turkmenistan, a meeting was held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Deputy Foreign Minister of the Islamic Republic of Iran for Consular, Parliamentary, and Expatriates' Affairs Vahid Jalalzade.

During the meeting, an exchange of views took place on issues of bilateral partnership in the political-diplomatic, trade-economic, cultural and humanitarian fields, and international and regional issues were also touched upon.



The parties discussed the current state and prospects for further strengthening of the fruitful partnership, identifying the trade and economic sphere as one of the key vectors.

The interlocutors also noted the successful holding of the 17th meeting of the Intergovernmental Turkmen-Iranian Commission on Consular, Border and Customs Issues.

At the end of the meeting, the parties expressed their common confidence that the interaction between Turkmenistan and the Islamic Republic of Iran will develop in a positive way, and joint work will contribute to strengthening the partnership between the two countries, cultural and historical ties between the peoples of both countries.

## Aşgabatda Konsullyk, serhet we gümrük meseleleri boýunça hökümetara türkmen-eýran toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi

2025-nji ýylyň 27-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Konsullyk, serhet we gümrük meseleleri boýunça hökümetara türkmen-eýran toparynyň 17-nji mejlisi geçirildi. Onuň işine iki ýurduň degişli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

Mejlisde Türkmenistanyň wekiliýetine Daşary işler ministriň orunbasary Ahmet Gurbanow, Eýran Yslam Respublikasynyň wekiliýetine bolsa, Daşary işler ministriniň orunbasary Wahid Jalalzade ýolbaşçylyk etdiler.

Duşuşugyň dowamynda 2024-nji ýylyň fewralynda Tähranda geçirilen hökümetara topary 16-njy mejlisinde gelnen ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişiniň gidişi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Taraplar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we geljegi barada pikir alyşdylar hem-de ähli ýetilen ylalaşyklaryň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny nygtadylar.

Mejlisiniň işiniň netijeleri boýunça jemleýji teswirnama gol çekildi.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Туркменистана встретился с главой Департамента международных организаций МИД Катара***

Посол Туркменистана в Дохе Мыратгелди Сейитмаммедов встретился 27 февраля с директором Департамента международных организаций Министерства иностранных дел Катара Шейхой Хунуд Абдулрахман Насер Аль Тани.

Посол ознакомил катарскую сторону со значением объявления 2025 года в Туркменистане Международным годом мира и доверия, а также с международными мероприятиями, планируемыми в честь 30-летия нейтралитета, и пригласил Катар к активному участию в них.

Стороны также обменялись мнениями об активизации двустороннего сотрудничества в рамках ООН и взаимной поддержке международных инициатив.

***Посол Туркменистана принял участие в «Токио Марафон 2025»***

2 марта 2025 года Посол Туркменистана в Японии А.Байрамов принял участие на состоявшемся в столице страны «Токио Марафон 2025». Данный забег привлек более 38000 участников из различных стран мира. Токийский марафон является ежегодным событием мирового масштаба, где участникам предлагается пробежать 42 км 195 метров. Марафон является одним из шести марафонов серии «World Marathon Majors» и имеет платиновый уровень «World Athletics».

В своем интервью представителям средств массовой информации Посол отметил, что Руководство Туркменистана уделяет большое значение в укреплении в нашем обществе принципов здорового образа жизни, особенно в приобщении молодёжи к занятиям физкультурой и спортом. В результате комплексной стратегии, инициированной Национальным Лидером Туркменского народа и последовательно претворяемой в жизнь Президентом Туркменистана, в Ашхабаде для этого созданы все условия.

Необходимо отметить, что в настоящее время Туркменистан и Япония активно взаимодействуют в области спорта, в том числе в деле подготовки туркменских дзюдоистов для участия на крупных спортивных мероприятиях.

***Генассамблея ООН приняла резолюцию об учреждении в Алматы Регионального центра ООН по ЦУР***

Генеральная Ассамблея ООН приняла резолюцию об учреждении в Алматы Регионального центра ООН по Целям устойчивого развития (ЦУР) для Центральной Азии и Афганистана.

Инициатива была выдвинута Казахстаном и поддержана 152 странами, что подчеркивает важность и актуальность данного проекта. Центр будет служить платформой для координации международных усилий, направленных на устойчивое развитие в регионе, включая поддержку экономического роста и интеграции Афганистана в международное сообщество. Создание центра также соответствует глобальным целям ООН и будет способствовать обмену передовыми практиками и реализации совместных проектов.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***